Topragyň fiziki häsiýetleri – Meýdan çäresi P01

# TEKSTURA – Halkaly usul

*Maglumat posterleri n. 4-7a-8a*

## DERWAÝYSLYGY

Topragyň teksturasy – bu toprakda minerallaryň dürli ölçeg toparlarynyň, ýagny çägäniň, gyrmançanyň we toýnuň otnositel gatnaşygy. Tekstura toprakda suwuň saklanylyşyna we elýeterliligine, topragyň gurluşyna, aerasiýasyna, biodürlülige täsir edýär we ýokumly maddalaryň gelip gowuşmagyny sazlaýar. Topragyň tekstura synpynyň iň gowy derejesi topragyň umumy suw saklaýjylyk ukybyna takmynan baha bermäge mümkinçilik berýär, bu bolsa, ösümlikçiligiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Halkaly usulyň 1 kömegi bilen wizual barlagy geçirip bolýar.

## MATERIALLAR



Susguçl



Suw

## PROSEDURA

1) Susguç bilen topragyň nusgalygyny alyň we ony suw bilen eziň.




2) Diametri 3 sm golaý bolan şar emele getiriň. Eger-de tegelek şary emele getirip bolsa, onda bu hereketleri dowam etdiriň.




3Eger-de şar dargaýan bolsa, onda tekstura çägesöwdir (iri zire-zireli).

4) Uzynlygy 6 sm golaý bolan silindri emele getiriň. Eger-de ol döwülse, onda toprak toýunsow çäge (iri zire-zireli).

5) Silindri 15 sm çenli ulaldyň. Eger-de ol döwülse, onda toprak – çägesow (iri zire-zireli).

6) Egri çyzygy emele getiriň. Eger-de döwülse, onda toprak – toýunsow (ortaça zire-zireli).

7) Halkany emele getiriň (diametri 3 sm). Eger-de ol owraýan bolsa, onda toprak – alewritdir (ortaça zire-zireli). Eger-de halka pytrasa, onda bu toýunsow şykgy (ownuk zire-zireli). Eger-de halka bitewi ýa-da az sanly jaýryklary bolsa, onda toprak – toýunsowdyr (ownuk zire-zireli).



| | |
|---|---|
| USULYŇ ARTYKMAÇLYGY | Visual method that do not require specific tools. This method can be used in all climates and soil types. |
| USULYŇ ÝETMEZÇILIKLERI | Might require some training on handling soil and forming the cylinder. It is not possible to determine the relative percentages of the various size-groups. |
| SEREDILMÄGE DEGIŞLI SORAGLAR | Was it possible to handle the soil to form a ball? Was it possible to form a cylinder? How long was the cylinder? Were you able to make a solid curve? How do you think drainage and nutrient retention would be different in sandy and clayey soils compared to the other soil types? |

| SELJERMÄNIŇ MYSALLARY | | |
|---|---|---|
| Iri zire-zire | Orta | Gowy |
| Toprakda iri bölejikler duýulýar, olar özara baglanyşymaga päsgel berýärler. Iri zire-zireli topraklar köp halatlarda gury bolýar, olardaky ýokumly maddalar az mukdarda bolup, toprak tiz çalykýar. | Toprak birnäçe iri we birnäçe ownuk bölejiklerden ybarat. | Toprak örän tekiz we ýelmeşýän. Ol gowy hasyllylygy we ýokumly maddalary siňdirijiligi bilen tapawutlanýar, emma geçirmeýän gatlaklary emele getirip bilýär. |
| PES | ORTAÇA | OŇAT |
| Teksturanyň bu klasy toprak üçin çäklendiriji sebäp bolup durýar. Ol örän iri zire-zireli bolup bilýär we suwy saklap bilmän, ýa-da has ownuk zire-zireli, şeýle-de ony işlemek çylşyrymly bolýar. | Tekstura klassy kökleriň ösmegi üçin, şeýle hem suwyň we howanyň aýlanmagy üçin çäklendiriji sebäp bolmaýar. | Topragyň teksturasy ýokumly maddalary siňdirmegi we ýokary hasyllylygy üpjün edýär, şeýle hem kökleriň ösmegine päsgel bermeýär. |